**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň rektory __________A.Gapurow**
**“_____” __________ 2025ý.**

**Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda okuw dersleri boýunça ders bäsleşigini guramak we geçirmek hakynda**

## DÜZGÜNNAMA

«Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek, talyp ýaşlaryň bilimini has-da çuňlaşdyrmak, olarda bilime we ylma bolan höwesi artdyrmak, özbaşdak işlemek ukyplaryny ösdürmek, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak, şeýle hem ýokary okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamagy kämilleşdirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **2025-nji ýylyň 20 — 25-nji oktýabry aralygynda matematika, fizika, informatika, nazary mehanika, materiallaryň garşylygy, inžener grafikasy** derslerinden ders bäsleşigini geçirmek boýunça şu düzgünnama işlenip taýýarlandy.

### 1. Umumy düzgünler

Şu düzgünnama ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda matematika, fizika, informatika, nazary mehanika, materiallaryň garşylygy, inžener grafikasy derslerinden ders bäsleşigini (mundan beýläk – bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan we uly depginler bilen ösýän döwründe guralýan bäsleşigiň esasy maksady Watana wepaly, ýiti zehinli we başarjaň, özbaşdak işlemäge ukyply ýaşlary, ussat hünärmenleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

### 2. Olimpiadanyň maksady we wezipeleri:

- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;

- ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň bilelikde ylmy-amaly pikir alyşmalaryny guramak;
- talyplara özbaşdak pikirlenmegi we işlemegi, ylmy meselelerden baş alyp çykmaklygy öwretmek;
- talyplaryň döredijilik ukyp-başarnygyny, ylmy gözleglere we hünärine bolan höwesini artdyrmak;
- aýratyn zehinli ýaşlary goldamak üçin gerekli şertleri döretmek, ýaşlaryň arasynda ylym-bilimi ýaýratmak we öňe sürmek;
- ýaşlary mundan beýläk-de bilimini kämilleşdirmeklige ruhlandyrmak;
- häzirki döwürde ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen ýüze çykýan meseleleri çözmäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek.

## 3. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk topary:

- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar;
- bäsleşigi geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlaýar;
- ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri bilen bäsleşigiň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 4. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

4.1. Bäsleşige ýokary bilim maksatnamalary boýunça okaýan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň dürli taýýarlyk ugurlarynyň, hünärleriniň talyplary gatnaşyp biler.
4.2. Bäsleşigiň resmi iş dili – türkmen dili.
4.3. Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden her dersden 4 talyp gatnaşyp biler.
4.4. Bäsleşigiň eminler toparynyň düzümine her ýokary okuw mekdebinden degişli ders boýunça bir ýolbaşçy mugallym girýär.
4.5. Degişli ders boýunça eminler bäsleşigiň geçirilýän güni sagat 08:00-da S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň 1-nji okuw binasynyň 95-nji okuw otagyna gelmeli.
4.6. Bäsleşikde beriljek ýumuşlar guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanylýar we eminler topary tarapyndan bije çekilip saýlanylar.
4.7. Bäsleşige gatnaşmak isleýän ýokary okuw mekdebi talyplarynyň sanawyny aşakdaky nusga laýyklykda, 2025-nji ýylyň 15-nji oktýabryna çenli tm.tau.2022@gmail.com elektron salgysyna ugratmaly.

***NUSGA***

## Ýokary okuw mekdebiniň ady

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Hünäri (taýýarlyk ugry) | Okuw ýyly | Gatnaşjak dersi | Ýolbaşçy mugallym |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Meredow Anna | Sanly maglumat tehnologiýalary | 3 | Matematika | Amanow Myrat +99365636466 |
| 2. | ..... | ..... | ..... | | |
| 3. | | | | | |
| 4. | | | | | |
| 5. | | | | Fizika | Ataýewa Jahan +99363441260 |
| 6. | | | | | |
| 7. | | | | | |
| 8. | | | | | |

4.8. Bäsleşik şahsy bäsleşik görnüşinde S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň kitaphanasynda geçiriler.

4.8.1. Matematika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda ýokary matematikanyň çyzykly algebra, analitiki geometriýa, funksiýanyň predeli, önümiň ulanylyşy, kesgitsiz integral, differensial deňlemeler, ähtimallyklar nazaryýeti bölümlerine degişli jemi 7 mesele hödürlener;
- bäsleşikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.8.2. Fizika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda fizikanyň mehanika, molekulýar fizika we termodinamika, elektrostatika, magnit meýdany we optika bölümlerine degişli jemi 5 mesele hödürlener;
- bäsleşikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.8.3. Informatika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda informatikanyň bitin sanlar, hasaplaýyş ulgamy, massiwleri we faýllary tertipleşdirmek, köplükler, matrisalar, tötänleýin sanlar, setir ululyklar, kalendar, kriptografiýa, san yzgiderlikleriniň üstünde amallar bölümlerine degişli bolup, jemi 8 mesele hödürlener;
- ýumuşlary gatnaşyjy kompýuterde programmirlemegiň «Basic», «Pascal», «C++» ýa-da «Delphi» dillerini ulanmak arkaly işleýär;
- bäsleşikde ýerine ýetirilen her ýumuş 5 sany barlag testinden geçiriler we her alnan dogry jogap üçin 1 ball hasap ediler;
- bäsleşikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.8.4. Nazary mehanika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda nazary mehanikanyň statika bölümine degişli 2, kinematika bölümine degişli 2 we dinamika bölümine degişli 4 — jemi 8 mesele hödürlener;
- bäsleşikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.8.5. Materiallaryň garşylygy dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:
- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda materiallaryň garşylygynyň süýnme we gysylma, dartgynlykly ýagdaýlar, towlanma, tekiz kesikleriň geometriki häsiýetnamalary, egmede dartgynlyk, egmede orun üýtgetme, çylşyrymly garşylyk bölümlerine degişli jemi 8 mesele hödürlener;
- bäsleşikde berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.8.6. Inžener grafikasy dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda sagat 10:00-da başlaýar:
1. ýumuş elde ýerine ýetirilýär:
- berlen şaýyň üç proýeksiýasynda we aksionometriýasynda içki gurluşyny görkezmek üçin gerekli ýaryklary ýerine ýetirmeli we şaýyň kesigini gurmaly;
- şaýyň üç proýeksiýasynda gerekli ölçeglerini görkezmeli;
2. bäsleşikde berlen ýumşy ýerine ýetirmek üçin 4 sagat wagt berler.

4.9. Düzgünnamanyň 3.8.i bendinde bellenen "bäsleşikde beriljek ýumuşlaryň jemi sany" we "ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin berilýän wagt" eminleriň biragyzdan makullamagy esasynda üýtgedilip bilner.

4.10. Bäsleşige gatnaşýan talyp ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmeli. Bäsleşik geçýän wagty gatnaşyjylara gapdalyndaky ýoldaşy bilen gürleşmäge, öýjükli telefonlardan we beýleki habar beriş serişdelerinden peýdalanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgüni bozan talyp bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

4.11. Talyp ýumuşlary ýerine ýetirýän wagtynda degişli soraglary bilen bäsleşigiň guramaçylyk toparyna ýüz tutup biler.

4.12. Eminler topary bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

## 5. Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

5.1. Bäsleşigiň netijesi toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenýär.

5.2. Ýeňijileriň umumy sany gatnaşyjylaryň sanynyň 50%-inden geçmeli däl we orunlar 1:2:3 gatnaşykda bolmaly.

5.3. Bäsleşigiň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanýar.

5.4. Bäsleşigiň ýeňijileri: **1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli** diplomlar bilen sylaglanar.

**Habarlaşmak üçin tel.: +99365633644, el.poçta: tm.tau.2022@gmail.com**

**Olimpiadanyň guramaçylyk topary.**